# Mahmyt hakdaky heneklerden

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mahmyt hakdaky heneklerden MAHMYT HAKDAKY HENEKLERDEN

Mahmytdan:
– Sen öz gyzyňy haçan göçürjek? – diýip sorapdyrlar.
Şonda Mahmyt:
– Hyrydar tapan wagtym – diýip, jogap beripdir.

* * *

Bir gezegem Mahmyt dellekhana saçyny syrdyrmaga barypdyr. Sertaraş tötänlikden onuň bir ýerini kesäýipdir.
– Aý, samsyk, sen meň kellämi kesip taşladyň-la! – diýip, Mahmyt gygyrypdyr. Şonda sertaraş:
– Otur, bedibagt! Kesilen kelle beýle gygyrmaz – diýip, onuň gepine görä jogap beripdir.

* * *

Bir gezek Mahmyt tebibiň ýanyna barypdyr-da:
– Meniň içim agyrýa, meni bejerewerim – diýip, haýyş edipdir.
– Sen şu gün näme iýdiň? – diýip, tebip sorapdyr.
– Düýn galan kotlet iýdim.
Tebip Mahmydyň gözlerine nähilidir bir derman damdyrmaga başlapdyr welin, ol haýran galyp seslenenini duýman galypdyr.
– Meniň içim agyrýa, sen bolsa, meniň içimi däl-de, gözümi bejerýäň-le?
Tebip:
– Eger seniň gözleriň sagat bolan bolsa, düýnden galan kotletleri iýmezdiň – diýip, jogap beripdir.

* * *

Mahmytdan:
– Adam soňky ýoluna ugradylanda, gölegçiler oniň sagyndan ýöremelimi ýa çepinden? Şerigat boýunça haýsy dogry? – diýip

sorapdyrlar.
Mahmyt:
– Nireden ýöreseñiz, şondan ýöräñ, ýöne şol agaç atyñ üstünde bolmasañyz bolýar – diýip, jogap beripdir.

* * *

Agyr halda ýatan Mahmyt aýalyna:
– Ýadyñdan çykarmawergin, Abdylla goñşynyñ bize elli manat bergisi bardyr – diýipdir.
– Ýok, ýadymdan çykarman…
– Biziñ Süleýmana üç ýüz manat bergimiziñ bardygyny hem unutmawergin.
Aýaly:
– Eý, Alla! Bu ýene samrap başlad-ow! – diýip, uludan demini alypdyr.

Terjime eden: Gapur GAPUROW.

«Garagum» žurnaly. Degişmeler